# Pazyryk halysy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Pazyryk halysy PAZYRYK HALYSY

Türkmeniň buýsanjy, taryh salamy,
Pazyryk halysy – oguzlaň şany!
Bitewi mukamdyr peder kelamy,
Pazyryk halysy – oguzlaň şany!

Ýigrimi dört gerçek – oguz ärleri,
Bürgüt ýaly ganat açýar şirleri,
Sugunlary – hatarynyň nerleri,
Pazyryk halysy – oguzlaň şany!

Goraglady ony Altaý daglary,
Gyzyl düşeginde bahar çaglary,
Sekizburç ýyldyzy göwnüm çaglady,
Pazyryk halysy – oguzlaň şany!

Oguz hanyň ündewidir nesline,
Hemme haýran kemalyna, kesbine,
Jebisligiň güýji siňen keşbine,
Pazyryk halysy – oguzlaň şany!

Şaýadydyr ýigrim alty asyryň,
Şonda-da juwan ol, açanok syryn,
Çyn sungatyň baky heýkelin görüň,
Pazyryk halysy – oguzlaň şany!

Rahmanberdi GÖKLEŇOW,
Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň aspiranty. Goşgular